# Mişel Obamanyñ ýatlamalar kitaby

Category: Edebiýat täzelikleri,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Mişel Obamanyñ ýatlamalar kitaby

ABŞ-nyň ozalky Prezidenti Barak Obamanyň aýaly Mişel Obamanyň “Emele geliş” (Becoming) atly kitaby 13-nji noýabrda 1,4 million tiraž bilen satuwa çykaryldy. Mişel Obamanyň bu kitabynda Ak tamyň syýasy durmuşyndan, şeýle hem şahsy durmuşynyň möhüm pursatlaryndan söhbet açylýar. Mişel Obama kitapda özüniň çagalyk ýyllaryndan başlap, geçen beýikli-pesli durmuş ýoly barada giňişleýin gürrüň berip, okyjylary öz dünýäsine imrindirýär.

– Meniň durmuş ýolumyň okyjylary ruhlandyrjakdygyna hem-de öz öňde goýan maksatlaryna ýetmekde güýç berjekdigine umyt edýärin – diýip, Mişel Obama gürrüň berdi. Memuarlar eýýäm, birnäçe dillere terjime edildi. Mişeliň ýatlamalar kitaby “Penguin Random House” neşirýaty tarapyndan neşir edildi. Kagyz görnüşi 32 dollar, öýjükli görnüşi 15 dollar bolan bu kitap, bir wagtyň özünde Beýik Britaniýa, Awstraliýa, Täze Zelandiýa, Hindistan ýaly ýurtlarda satuwa çykaryldy. Hünäri boýunça hukukçy bolan 54 ýaşly Mişel Obama 2009-2017-nji ýyllarda ýanýoldaşy Barak Obamanyň ABŞ-nyň Prezidenti bolan döwründe ýurduň birinji ledisi bolupdy.

# ZamanTurkmenistan

Edebiýat täzelikleri